# Kim bu

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kim bu KIM BU




«Downton Abbey» («Аббатство Даунтон»)…
2010-njy ýylda ekrana çykan iňlis taryhy teleserialy.
«Altyn globus», «Emmy» ýaly birnäçe baýraklara mynasyp boldy.
Serial XX asyryň başlarynda Krouli maşgalasynyň ýaşan köşgünde bolan wakalardan söz açýar.
Alty sezonyna we serialyň dowamy hökmünde 2019-njy ýylda berilen kinofilmine hezil edip tomaşa etdim. Şu ýyl çykmagyna garaşylýan kinofilmine-de sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn.
Oba ýerleriň mekanlaryny, egin-eşiklerini, supralaryny, serwislerini görmek hoşuma gidýär, meni pikire batyrýar.
Hususanam aktrisa Meggi Smitiň ussatlygyna we janlandyrýan obrazynyň «gödeklik paýhasyň ýerini dolmaýar» ýaly sözlerine haýran galdym.
Gürrüňsiz, serial aristokratiýany götergileýär.
Gürrüňsiz, serial iňlis tagtyny beýgeldýär.
Gürrüňsiz, serial synpy tapawutlylygy, düzgüne eýermegi öwýär.
Ýeri bolýar, jikme-jik syn berip durmaýyn, çünki ýazgymyň temasy «Downton Abbey» däl.
Size "Türk Downton Abbey"-i ýazmak isleýärin!
Hezil edip okan, emma gürrüňini bermäge mümkinçilik tapmadyk kitabym biĺen tanyşdyraýyn: «Kim bu: Türkiýede onçakly adaty däl ýaşaýyş».
Awtory Joan Kim Erkan…
1959-njy ýylyň 14-nji fewraly. Ýigrimi iki ýaşynda Angliýadan

Stambula gelip, birwagt Aýdyn-Osmanbüküdäki mülküne ýerleşen Joan Kim Erkanyñ Türkiýede ýaşan altmyş ýyllyk ýatlamalary «Downton Abbey» serialyny ýadyma saldy… Iñlis serialynda enäniñ rolunda ABŞ-nyñ Leýdi Grantamy bolsa, “Türk Downton Abbey”-iñem iñlis Joan Kimi bar!
Sahypalary warakladygyñça Türkiýäniñ XX asyr ikinji ýarymyndaky üýtgeşmeleri köp taraplary bilen gözüñüziñ öñüne gelýär…

## • AK TÜRKLER

“Kim bu” ýatlama kitaby «ak türkler» barada gürrüñ berýär.
Joan Kim Londonda teatr ugrundan okap ýörkä, Nil Arbele aşyk bolýar. Oña öýlenip Türkiýä gelýär…
Şişlidäki myhmansaraýda gaýynatasy diplomat Bedii beýdir gaýynenesi Afife hanymyñ iñlis aristokratlar ýaly ýaşaýandygyna geñ galýar. Mysal üçin desterhandan başlap (süpüriji Rum Marina ýaly hyzmatkärlere) öý işlerine Rus Anna esewan edýär we ş.m.
Maşgalada Nil Arbeliñ agasyna durmuşa çykan aktrisa Bedia Muwahhit ýa-da agasy ilçi Selahattin Arbel ýaly tanymal şahslar bar. Gaýynenesiniñ uýasy Gülsüm Mehmet Şewket paşa durmuşa çykypdyr we ş.m.
Maşgalanyñ ýakyn dostlary: Muharrem Nuri Birgi, Turgut Jansewer, Halide Edip Adywar, Mina Urgan, Atatürküñ aýaly Latife Hanym, Çelik Gülersoý, Hyfzy Bekata we başgalar.
Joan Kim gyşyna Taksim-Aýazpaşada, tomsuna Büýükadada ýaşaýar.
Birinji dünýä inen çagasyna Jeýlan St. Ser Afife Arbel adyny dakýar…
Emma. Maşgala ugrugyp gidiberenok. Joan Kim gyzyny ýanyna alyp, Nişantaşyna göçüp gelýär.
Žurnalistlik edýär. Türk intelligensiýasynyñ wekilleri bilen tanyşýar…
«Iñlisleriñ hemme zadyny, şatolaryny, taryhyny, dilini, kitaplaryny iñlis obalarynyñ geýniş düzgünini we elbetde iñlis gyzlaryny juda söýýän» Aýdyn Osman Erkana aşyk bolýar. 1962-nji ýylda ikinji durmuşyny guryar…




- **JENAÝATA PIDA**

Hawa, eger “Kim bu” kitaby «Downton Abbey» ýaly ekranlaşdyrylsa, wakalaryñ esasy bolup geçýän ýeri Aýdyn-Osmanbüküdäki howluly jaý bolardy. Senariýany Egeýiñ oba durmuşynda janlandyryp, geçmişe dolanyşlar-flashback edip bolardy. (Özem: Sökedäki mülkde ýaşaýan «akýagyz türk Saffet Tanman hanymyñ ýatlamalaryny ýazan Batnas depelerinde wagt»/“Batnas Tepeleri’nde Zaman” we «Ilgaz daglaryndan Batnas daglaryna»/“Ilgaz Dağları’ndan Batnas Tepeleri’ne” kitaplaryndanam peýdalansa bolardy.)
Joan Kim Erkan ikinji çagasyny dünýä inderýär: Rana Nefiset Erkan. “Nefiset” ady maşgalanyñ Şeýh Şamiliñ şejeresinden gelip çykýar: agtygynyñ ady…
Erkan maşgalasynyñ Kuşçybaşy Eşref Senjer ýaly şahslar bilen garyndaşlygy bar. Joan Kim onuñ iki gyzy Juýapdyr Diktam bilen ýakyn jora bolýar… (Sökede häzirem müñlerçe gektar ýerde işleýän är-aýal Diktam-Sedat Aktaýlaryñ ogly Halil Aktaýa dostluk goluny uzadyp, serialda oýnatsagam bolýar!)
Joan Kim kaşañ oba jaýynda ýaşaýan Rosie-Ken Baldwin ýaly şahslar we Hümeýra Özbaş ýaly osmanly hanedanynyñ agzalary bilen ýakyn dostluk açýar.
Tomsuna Çeşme we Guşadasyna gezelenje gidilýär. Hümeýra hanymyñ eýeçilik edýän «Kısmet Otel»-inde bolup geçýänler gyzykly. Mysal üçin: Nelson Rokfeller bilen aýaly Happy we Müsüriñ patyşasy Farukdyr dogany melike Fewziýe ýaly şahslar

otelde düşläp, dynç alýar.
Iki gyzy Jeýlandyr Rananyñ toý şowhunlary, agtyk şatlygy bolup geçse-de, Joan Kim Erkan gynançly pursatlary-da başdan geçirýär:
1998-nji ýylyñ 1-nji noýabry… Adamsy Aýdyn Erkan atasy Osman Ferit paşa hakda iñlis dilinde kitap ýazyp otyrka, otaga giren işgäri Şewket Çetin tarapyndan sapança bilen atylyp öldürülýär…
“Kim Bu” kitabyny okamagy maslahat berýärin…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 21.01.2022 ý. Edebiýat täzelikleri